# Ysraýyl: Lawandadaky zäher

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ysraýyl: Lawandadaky zäher YSRAÝYL: LAWANDADAKY ZÄHER



*Öldürmek, jana kast etmek, gyrmak indi Ysraýyl we syýasaty üçin gündelik pişeden başga zat däl*
Gaza uruşynyñ başlanan wagtyndan bäri Ysraýyl daş-töweregindäki hemme zady, müñlerçe ýyllyk hakykaty agdar-düñder etmäge çytraşýar. Häzirem dünýä derejesinde uruşlaryñ we parahatçylygyñ başlangyjyndan bäri tekste dökülen halkara normalary we şertnamalary bökdemegiñ ugrunda jan edýär.
Bu babatda beýleki hemme zatdan has köp ähmiýet berilýän iki madda bar».
Syýasy jenaýatyñ kesgitlemesi we jemgyýetçilik genosid.
Üns çekiji tehniki üýtgeşme bilen birlikde emeli añda şumada çenli gazanylan sepgitleri hem-ä kast edilşikleriñ hemem gyrgynçylykly hadysalaryñ güýçlendirilmeginde ýygy-ýygydan

ulanmaga başlady.
Bu täze sistemasyna-da hoşboý ysly we zyýansyz at berdi: «Lawanda».
Beýle uruşyň ilkinji hepdelerinde azyndan 37 müň palestinaly Ysraýylyň aňynda nyşanalanýan obýekte öwrülipdi.




Emeli aň programmasy «Lawanda» sistemasynyň tekliplerini gözegçilik etmek boýunça jogapkär harby serkerdeleriň adam ölümlerini diňe statistiki taýdan sanawa girizilen sowuk çemeleşmeleri sebäpli jedel turuzdy. Olaryň pikiriçe, «Hamas» ýa-da «Yslamy jihat» toparlarynyň ýokary düzümli serkerdelerinden biriniň nyşana alynan hüjüminde 100 sany ýönekeý raýatyň ölmegine göz ýumup bolar.
Sistema obýektlere öýlerindekä we gije ýarymdan soň hüjüm etjek görnüşde işlenip düzüldi. Hüjümiň gije guralmagy obýektiň öýde bolma ähtimallygyny ýokarlandyrýar, şol bir wagtyň özünde özi bilen birlikde maşgala agzalarynyň we goňşularynyňam öldürilmegini üpjün edýär.
Ähli emeli aň sistemalary ýaly «Lawanda» hem ähli

ähtimallyklara döz gelip biljek model. Çaklamalar boýunça işleýär we şonuñ üçin köp ýalñyşýar.
Habarda agzalan resmi çeşmelere görä, obýekt hasaplanýan adamlaryñ azyndan 10-y nyşana alynmandy.
17-nji oktýabrda «Hamasyñ» liderleriniñ birini öldürmek üçin guralan ýeke hüjümde wepat bolan 300 adam ýaly goşunyñ oñlan ikinji derejeli ölümlerine goşmaça bu ýalñyşlyk paýy programmanyñ prinsiplerine laýyklykda köpüsi aýal we çaga-çuga bolan «terrorçylyk bilen ýakyndan-daşdan hiç hili baglanyşygy bolmadyk» müñlerçe palestinalynyñ öldürilmegine getirýär.
«Lawanda» programmasy goşmaça iki programma bilen tamamlanýar:
Bulardan birinnisi obýekt hökmünde kesgitlenen adamlary yzarlap, öýlerinde atmak maksady bilen ulanylan «Kakam nirede» programmasy.




Beýlekisi bolsa, «hamasçy» urşujylaryñ hereket edýän

binalaryny we desgalaryny kesgitlemegi maksat edinýän «Gospel» programmasy.
«Lawanda» programmasy 2,3 milliondan gowrak gazaly ýaşaýjy hakda jemlän maglumatlarynyň üstünde işleýär.
Her şahs üçin birden ýüze çenli utuk emele getirilýär. Bu utuk şahsyň «Hamasyň» ýa-da «Yslamy jihadyň» ýaragly ganaty bulen baglanyşygyň bardygyny-ýokdugyny çaklaýar.
Kõp utuk alanlar maşgalalary we goňşulary bilen birlikde öldürilýär.
«+679» žurnalynda çykan bir habarda ofiserleriň «Lawanda» tarapyndan kesgitlenen potensial obýektleri tassyklamak üçin «ýeterlilik» tutaryklaryny öňe sürüp örän az iş edendigi aýdylýar.
Habarda täze maglumatlar toplama we täze obýektler tapma basyşy astyndaky ofiserleriň her wakany derňemek üçin diňe birküç sekunt sarp edýändikleri öňe sürülýär.
Öldürmek, jana kast etmek, gyrmak indi Ysraýyl we syýasaty üçin gündelik pişeden başga zat däl.

Semir ATAULLAH,

Liwanly žurnalist.

Ýekşenbe, 28.04.2024 ý. Publisistika